# Molla Çäklini ýatlap…

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Molla Çäklini ýatlap… MOLLA ÇÄKLINI ÝATLAP…



Ýaşadyk. Işledik. Gördük. Gojaldyk. Köp wakalaryñ şaýady bolduk. Döwürleriñ inim-çykymlaryny, ýagşylary ýatlamaga ýaşymyz ýetmäni duranok. «Ýagşynyñ ýagşysyny aýt, abraýy artsyna» uýup, öñki-soñky ilhalar şahsyýetler hakynda yzygiderli makala ýazmaklyk adata öwrüldi. Bu ýagşylygyñ, sogabyñ alamaty. Abraý dirä-de, ýalançydan ötenlere-de gerek. «Adam gezmez, at gezerleri». Adam pahyr kazasy dolsa, amanadyny tabşyrmaly bolýar. Ýagşy kişiniñ ady il arasynda ömürlik gezýär, ruhy baky ýaşaýar.
Gadymy pederlerimiz: «Alym bolmak añsat, adam bolmak kyn» diýipdirler. Bu pähimiñ añyrsynda örän tereñ manyly pikir ýatyr. «Yhlas bilen aglasañ, sokur gözden ýaş çykarlary», adam zehinini, ukybyny, zähmetini alymlyk derejesine ugrukdyryp, maksadyny bir düwünçege düwse, alym bolup biler. Adam bolma – juda kyn. Ömrüñde bir adamyñ göwnüne degmeli däl. Adam bolmak

üçin, birinjiden, Allatagalanyñ beren nusgalyk gylyk-häsiýeti gerek. Ýaradan adamzada gylygyñ ýagşysyny-da berýär, ýamanyny-da. «Hudaý beren gylyk Hudaý alanda galar» diýen çaklama muña tymsal bolup biler.

Ikinjiden, adam bolmak üçin sadalyk, akgöwünlilik, sahawatlylyk, dogry sözlülik bileb bir hatarda ynsap, iman, lebiz-wada, giñ göwünlilik zerur.

«Ýagşylyga ýagşylyk, her kişiniñ işidir, ýamanlyga – ýagşylyk är kişiniñ işidir» ýa-da «Daş bilen urany aş bilen ur» ýaly nakyllarda giñ göwünli, geçirimli bolmak ündelýär.

Adam bolmaklyk ömür bilen dalaşýar. Molla Çäkli hakyky adamdy. Açyk göwünlidi, geçirimlidi, sadady, öýke-kinesi bolmazdy. «Dil – ýüregiñ açary» diýilişi ýaly, süýji dili ýüreginiñ päkdiginden habar berer durardy.

Molla Çäkliniñ başga bagşylara meñzemeýän ýoly, heñi, labzy bardy. Öñ eşidilmedik «Bagty han», «Keýki han», «Eneş», «Har etmen», «Balam», «Ýagma, bulut» ýaly ençeme aýdymlary dünýä inderdi. Aýdymlaryñ namalaryny il arasyndan toplady, ýat tutdy, özboluşly heñe getirip, halka paýlady. Türkmen aýdym-sazynyñ ösmegine özboluşly, äpet, mizemez, baky goşandyny goşdy. Ýitmez yz galdyrdy. Aýdym-saz hazynasyny galñatdy. Molla neressäniñ kakuwly eli, ýüwrük barmaklary Hudaý tarapyndan ýörite dutar çalmak üçun berlen ýalydy. Barmaklarynyñ dutaryñ perdelerjnj yzarlap aşak-ýokary inip-çykymy geñ galdyrardy. Bir gezek Molla Çäklini okyjylar köpçüligine giñden tanyşdyrmak maksady bilen, Gazanjyga bardym. Ilki bilen, manyly ömrüni aýdym-saz bagş eden, ençe ýyl ansamblyñ çeper ýolbaşçysy bolup işlän ezber gyjakçy Güýç Nurýagdyýew bilen söhbetdeş boldum. Bular 1956-njy ýylda içgin tanyşýarlar. Şol ýylda Molla Çäkli ansamblyñ agzasyna goşulýar. Ol işiniñ daşyndan Soltan Atanepesowyñ şägirdi bolýar. Şol wagt Molla oglantak bolsa-da, aýdym-sazdan paýyny alan bagşydy. Şol ýyldan başlap Güýç Molla Çäkloniñ gyjakçysy bolup, olar baýramçylyk günlerinde, toýlarda toý märekesine heziller berýärler.

– Molla neressäniñ eli çendenaşa ýüwrükdi. O ýyllar Mylly aganyñ sazlary säher bilen radioda ýañlanardy. Haýsy saz bolsa bolsun, birki gezek diñlese bolanydy. Derrew öwrenerdi. Onuñ öwrenen sazyny bilelikde çalardyk. Aýdym-saza durkumyz bilen ulaşdyk. 1966-njy ýylda Aşgabatda «Eneş», «Bagty han», «Ýagma, bulut», «Balam» diýen aýdymlary ýazga berdik – diýip, Güýç

Nurýagdyýew sözüni dowam etdirdi. Bular işiň daşyndan, Aşgabatdaky medeni-aň bilim tehnikumyna gaýybana girip, 1967-nji ýylda tamamlaýar.
Molla Çäkliýewiň özüne, aýdymlaryna sarpa goýýan okyjylar onuň ömür beýany bilen tanyşmak isleýändir diýen pikire uýup, şu makalanyň başyny çatmagy niýet edindim.
Isgender stansiýasynyň çak gaýrasynda çenek bilen 30 km daşlykda Hydyr gören gumuň günortasynda **Ok** diýen oba bar. Şol obada Molla Çäkliýew 1933-nji ýylyň 21-nji fewralynda dünýä inýär. Çaga wagtynda ene-atanyň mährinden mahrum bolýar. Agasy Taňryberdi ekläp-saklaýar. Ol ikinji jahan urşuna gidip gaýdyp gelmeýär. Oňşuk agasy Amangeldiniň, ejekesi Akbäbegiň gerdenine düşýär.
Ikinji jahan urşunyň ilkinji ýyllarynda Okdaky oba demirýoluň golaýlaryna göçürilip getirilýär. Köp hojalyklar oňşugy geçjek ýerlere çekilýärler. Soň-soňlar Mollany ykbal Gumdag şäherinden çykarýar. Ejekesi Akbäbegiň elinde gezýär. Şol şäheriň 1-nji orta mekdebini 1954-nji ýylda tamamlaýar. Az wagt mugallymçylyk kärinde işleýär. Soňra Gazanjyk şäherine gaýdyp gelýär. Agasy Amangeldiniň, ýeňňesi Mawynyň öýünde bolýar. Haly artelinde buhgalter, kolhozara gurluşyk edarasunda sklad müdiri, medeniýet öýünde zähmet çekýär. Aýdym-sazyň ýoluna ymykly gadam basýar. Gadamyň bady 1977-nji ýyla çenli dowam edýär. Şol ýylyň 5-nji sentýabrynda jan saglygynyň ýaramazlygy zerarly zähmet inwalidiň 2-nji gruppasy berilýär. Işden sowulýar. Ýöne aýdym-saza bagry badaşanlygy üçin elinden dutaryny düşürmedi. Toý-tomaşada iline heziller berdi. Birnäçe aýdymlaryny ýazga geçirdi. Molla Çäkliniň ýoly, heňi, labzy dowam etdi. Ol öýken keseline ýolugypdy. Nähoşlugyna garamazdan, gum içlerinde, dag jülgelerinde ýaşalýan obalara baryp, aýdym aýdyp, ýaşaýjylaryň gulaklarynyň posuny açýardy. Iň soňky aýdym aýdan ýeri – gum bilen gyryň sepleşýän ýerindäki Burgun diýen obada aýdym aýdyp gutaran soň, 1989-njy ýylyň fewral aýynda amanadyny tabşyrdy. Onuň jesedi Gazanjyk şäheriniň demirgazygynda gara ýoluň ýakasynda «Gaýyp öwlüýäde» ýatyr. Onuň tanyş-bilişleri, dogan-garyndaşlary Molla neressäni ýatlaýarlar.
Il-günüň göwün taryny awlaýan şahyrdyr bagşynyň ýa-da watan üçin janyny gurban eden ýaş ýigitleriň ömür tanapy ir kesilende: «Uçup gitdi Horasanyň durnasy» diýip gynanylýar. Öňler durnalaryň hatary kerwen gurap, sähralarymyza,

jülgelerimize, arkaja gelip gonardylar. Meýdanyñ dürli-dürli otlaryny çokardylar. Hezil edip iýerdiler. Dähedem-dessemläp, uzyn injikli aýaklary howlukman gadam urýardy. Ol durnalar gözden gaýyp boldy. Ýöne olaryñ sesleri gulagymyzdan gidenok. Molla neresse-de şol durnalar ýaly uçup gitdi. Ony ýatlanyñda tirsegine daýanyp ruhy «Eneş», «Bagty han», «Har etmen», «Ýagma bulut» ýaly aýdymlary aýdyp berjek ýaly göwnüñe gelýär. Onuñ aýdymlary radio hazynasynda saklanýar. Aram-aram onuñ aýdymlaryny hezil edip diñleýäris. Munuñ belli bahasy ýok. Ogul-gyzlarynyñ, dogan-garyndaşlarynyñ göwünlerine teselli berýär. Radionyñ üsti bilen ýaş bagşylarymyz Molla Çäkliniñ aýdymlaryny öwrenýärler. Telewizoryñ, radionyñ üsti bilen halkymyza eşitdirýärler. Molla neresse ýüreklerde ýaşaýar, ýaşar.
Aýdym-sazymyza aýratyn üns berilýän şu döwürde aýatdaky atly bagşylarymyz bilen bir hatarda il-gününe hyzmat edip, ýagty jahandan öten bagşylara-da hormatly atlar dakylyp durulýar. Molla Çäklä-de mynasyp at dakylsa, türkmen ili begenerdi.
Tatar ÜÝŞMEKOW. Aýdym-saz sungaty